Eýran Yslam Respublikasynyň ilçihanasy

Aşgabat

No: ۲۲۰۲۱۴۳

Sene: ۱۴۰۳/۰۶/۲۶

Goşmaça:

باسمه‌تعالی

**آنی**

سفارت جمهوری اسلامی ایران در عشق‌آباد با اظهار تعارفات خود به وزارت امور خارجه ترکمنستان، پیرو یادداشت شماره ۲۱۶۱۶۸۹ مورخ ۲۴ مرداد ۱۴۰۳، احتراماً اشعار می‌دارد:

همان طور که اطلاع دارند با عنایت به عدم امکان برگزاری شانزدهمین نمایشگاه اختصاصی جمهوری اسلامی ایران تحت عنوان "ایران آگروفود" در عشق‌آباد در تاریخ تعیین (توافق) شده قبلی، بنا بر پیشنهاد وزارت محترم امور خارجه ترکمنستان، این سفارت دو تاریخ جدید در دهه دوم ماه اکتبر ۲۰۲۴ را پیشنهاد نمود. با این حال، در ملاقات با جناب آقای علی مجتبی روزبهانی سفیر فوق‌العاده و تام‌الاختیار جمهوری اسلامی ایران در ترکمنستان، جناب آقای مرگن گوردوف رییس اتاق بازرگانی و صنایع ترکمنستان در تاریخ ۶ سپتامبر ۲۰۲۴ اعلام نمودند که با توجه به فشردگی برنامه‌ها در تاریخ‌های پیشنهادی این سفارت، نمایشگاه آگروفود در دهه دوم دسامبر برگزار شود. لذا با توجه به گفتگوهای به عمل آمده با اتاق بازرگانی و صنایع ترکمنستان، تاریخ جدید به شرح زیر پیشنهاد می‌گردد.

- ۱۶ لغایت ۱۸ دسامبر ۲۰۲۴ روزهای اصلی برگزاری نمایشگاه (۱۲ لغایت ۱۵ دسامبر برای نصب و مونتاژ و غرفه‌آرایی و ۱۹ دسامبر برای دمونتاژ و جمع‌آوری)

بدیهی است همایش اقتصادی و نشست تجاری (B2B) برای روز دوم برنامه‌ریزی خواهد شد.

با توجه به ضرورت اطلاع‌رسانی به مراجع مربوطه و هماهنگی با شرکت‌ها، موجب امتنان خواهد بود چنانچه با برگزاری نمایشگاه مذکور در تاریخ پیشنهادی جدید موافقت و نتیجه در اسرع وقت به این سفارت اعلام گردد.

موقع را مغتنم شمرده احترامات فائقه را تجدید می‌نماید.

وزارت امور خارجه ترکمنستان- عشق‌آباد

Resmi däl terjime
ÖRÄN GYSSAGLY

**BEÝIK ALLANYŇ ADY BILEN**

**№: 2202143**

**NOTA**

**Eýran Yslam Respublikasynyň Aşgabatdaky Ilçihanasy Türkmenistanyň Daşary işler ministrligine özüniň hormatyny aýan edýär we şu ilçiligiň 14.08.2024 ý. senedäki 2161689 belgili notasyna goşmaça hökmünde aşakdakylary habar bermegi özüne mertebe bilýär:**

Habarly boluşyňyz ýaly, Eýran Yslam Respublikasynyň Aşgabatdaky "Iran Agro Food" atly on altynjy ýöriteleşdirilen sergisini öňki kesgitlenen (ylalaşylan) senede geçirmäge mümkinçiligiň ýokdugyny nazarda tutup, Türkmenistanyň hormatly Daşary işler ministrliginiň teklibi esasynda şu ilçilik 2024-nji ýylyň oktýabr aýynyň ikinji ongünligine gabat gelýän iki sany täze senäni hödürledi. Şeýle-de bolsa, Türkmenistanyň Söwda we senagat edarasynyň başlygy jenap Mergen Gurdow 06.09.2024 ý. senede Eýran Yslam Respublikasynyň Türkmenistandaky adatdan Daşary we Doy ygtyýarly ilçisi jenap Ali Mojtaba Ruzbehani bilen geçiren duşuşygynda şu ilçiligiň teklip eden senelerinde meýilnamalaryň grafiginiň dykadolydygy sebäpli "Iran Agro Food" sergisini 2024-nji ýylyň dekabr aýynyň ikinji ongünlüginde geçirmekligi teklip etdi. Şuňa görä, Türkmenistanyň Söwda we senagat edarasy bilen amala aşyrylan ylalaşyklary nazarda tutup, täze sene aşakdaky tertipde dykgatyňyza ýetirilýär:

2024-nji ýylyň 16-18 dekabry aralygy serginiň esasy geçirilýän günleri (13-15 dekabry aralygy sergi pawilionlarynyň montažy we eksponatlary ýerleşdirmek üçin we 19-njy dekabry diwarlyklary söküp aýyrmak üçin);

Biznes Forum we iki taraplaýyn täjirçilik duşuşyklary (B2B) bolsa, elbetde, Serginiň ikinji gününde geçiriler.

Eýranyň degişli edaralaryny we gatnaşyjy kompaniýalary habardar etmegiň zerurdygyny nazarda tutup, agzalan serginiň täze teklip edilen senede geçirilmegini oňlasaňyz we netijesini şu ilçilige mümkin gadar tiz mälim etseňiz örän minnetdar bolardyk.

**Ilçihana pursatdan peýdalanyp, Ministrlige bolan çuňňur hormatyny ýene bir gezek nygtaýar.**

**Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi. Aşgabat ş.**

**1403-nji ýylyň şähriwär aýynyň «26». 2024-nji ýylyň sentýabr aýynyň «16».**